# Keýmir babamyñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Keýmir babamyñ KEÝMIR BABAMYÑ

***Owazadar bolup älem-jahana,***
***Öz iline hökmi ýörän rowana,***
***Gazabyñdan ganym geldi amana,***
***Keýmir atly sahypkyran geçipdir.***
*ZENUBY*

Ak sakgal gojalar söhbet açanda,
Danalar, gerçekler, joşup göçende,
Ruhy diri bu dünýäniñ göçünde –
Ilimiñ gerçegi Keýmir babamyñ.

Adybegiñ ogly Görogly atam,
Atanýaz han, Alp Gazan hatyram,
Hanlyk derejesi on bir arkadan –
Düýegöz dowamy Keýmir babamyñ.

Akyl, gaýrat, paýhas bile jemlenen,
Tutan işi il içinde oñlanan,
«Duşmanyna aždar bolup towlanan»,*
Ýollary dogrudyr Keýmir babamyñ.

Ýasman bilen Saltyk atalar seri,
Çonak batyr bolar onuñ pederi,
Hyratda Antguýy dogulan ýeri –
Garagum galkany Keýmir babamyñ.

Kesgir gylyç, ýiti zehin, halat bar,
Mazlumlara, ulus-ile howandar,
Ýigreneni sütem edýän hökümdar –
Adalat eýesi Keýmir babamyñ.

Gözel ilim gul etmegiñ kastynda,
Nedir** gitdi galyp arman astynda,

Ugurly han otyr külüñ üstünde,
Mertebesi belent Keýmir babamyñ.

Tanalandyr Eýran, Turan, Yrakda,
Dilleri dogada, kalby sogapda,
Togsanda amanat tabşyran Hook-da***
Çonaklar tiresi Keýmir babamyñ.

12.02.87

Orazguly ANNAMYRADOW. Goşgular